***Tebigat bizi gurşap alan bitewi bir dünýädir. Adam tebigatyň aýrylmaz bölegi bolup, ol daşky gurşaw bilen sazlaşykly ýaşaýar. Şonuň üçinem tebigaty aýawly saklamak her bir ynsanyň mukaddes borjy, şol sanda wezipesi we hukugydyr. Watanymyzyň tebigatynyň baýlyklaryny we gözelligini gorap saklamak, daşky gurşawy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ekologik abadançylygy üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.***

Täze taryhy döwrümizde ata Watanymyzyň öňe sürýän möhüm ekologik başlangyçlary dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Şeýle hem Diýarymyzyň tebigaty goramak boýunça toplan tejribesine tutuş dünýäde uly gyzyklanma bildirilýär. Muňa halkara hyzmatdaşlygyň çäginde taýýarlanylan «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamanyň çäklerinde «Bereketli Garagum», «Gaplaňgyr» döwlet tebigy goraghanalarynyň, «Repetek» döwlet biosfera goraghanasynyň hem-de onuň «Ýerajy» çäkli goraghanasynyň çöl ekoulgamynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzda ÝUNESKO-nyň aýratyn ekologik ähmiýeti bolan tebigy ýadygärlikleriň goralyp saklanmagyna hem-de wagyz edilmegine gönükdirilen maksatnamasy işjeň durmuşa geçirilýär. Ýeri gelende bellesek, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başlangyjy boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralarynyň we ÝUNESKO klublarynyň açylmagy-da muňa anyk mysaldyr.

Umuman, tebigaty gorap saklamak, onuň ýerasty we ýerüsti baýlyklaryna aýawly çemeleşmek ählimiziň mukaddes borjumyzdyr. Çünki tebigat biziň umumy öýümiz bolup, ondaky ýüze çykýan üýtgeşmeler umumadamzada täsirini ýetirýär. Goý, ählumumy ekologik başlangyçlary öňe sürýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Leýli TAZABAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026